# Durmuş Nobatguly däldir, Göwherim -4: Şahyr we simwollar

Category: Edebi tankyt,Edebiýaty öwreniş,Filosofiýa,Goşgular,Kitapcy,Poemalar,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 22 января, 2025
Durmuş Nobatguly däldir, Göwherim -4: Şahyr we simwollar

4. Şahyr we simwollar

Ýigriminji asyryň ýetmişinji ýyllarynda Gurbannazar Ezizowyň daşynda ülker bolup toplanan ýaş şahyrlar poeziýada öz sözüni aýdyp, täze poeziýanyň dürli uçastoklarynda zähmet çekip, halkyň söýgüsini, galamdaş ýoldaşlarynyň, edebi jemgyýetçiligiň ykrarýetini gazanýardylar. Asyryň altmyşynjy ýyllarynda türkmen poeziýasynyň alynky planyny eýelän romantizmiň ýüzi gaýdyşyp, ornuny başga edebi ugurlara bermäge mejbur bolupdy. Edil şonuň ýaly-da, poeziýamyzda naturalizm – žiwopisçilik, ýagny suratkeşlik başky sadalygyny çylşyrymlylyk bilen çalyşdy, agramly pikirler goşuldy, podtekst peýda boldy. Dogry, podtekst Gurbannazaryň ellinji ýyllaryň aýagynda ýazan goşgularynda hem bardy, emma bu hadysa has soň köpçülikleýin häsiýete eýe boldy. Ýetmişinji ýyllarda eýýäm biziň poeziýamyz köpmilletli SSSR halklarynyň poeziýasynyň arasynda aýratyn ýiti şuglaly poeziýa öwrülip, köp asyrlyk binýady bolan rus poeziýasyndan hiç bir jähetden pesde oturmaýardy. Gaýta her ýylda geçirilýän bütinsoýuz poeziýa festiwallarynda, bäş ýyldan bir geçirilýän ýaşlaryň Bütinsoýuz maslahatlarynda türkmen poeziýasynyň aýratyn gürrüňi edilýärdi.
Sosialistik sistema – edebiýat üçin oňaýsyz sistema! Bu pikir serhetden aňyrdan gelýärdi hem-de serhediň içinde meslekdeşlerini tapýardy.
Sosialistik sistema – edebiýat üçin ähli şertler döredilen

sistema! Bu bolsa gündelik wagyzdy.
Şol sistema, şol sistemany esaslandyryjy kommunistik partiýa hem onuň miwesi SSSR synanyndan soň, iki pikiri hakykatyň adyl terezisine salyp görýärsiň, şonda iki pikiriň hem artykmaç, hem kemçilik taraplary aýdyň göze görünýär. Sosialistik sistema döwründe SSSR-de kitap mugta barabar boldy, SSSR okumyşlyk boýunça dünýäde birinji ýerde durýardy, kitap uçursyz köp çap edilýärdi. Poeziýa kitaplaryny neşir etmek – köp çykdajyly pudak bolany üçin kapitalistik ýurtlarda örän seýrek çap edilýärdi, ýöne tersine, iň gowy şahyrlar, kitaby geçäýjek şahyrlar neşir edilýärdi. Emma SSSR-de weli ýagdaý başgaçady, kommunistik ideýa ylykdyrmak üçin, sosializme söýgi döretmek üçin dünýäniň şahyrlarynyň SSSR-e sähel duýgudaşlyk bildirýänleri köpçülikleýin tiraž bilen çap edilýärdi, terjime žanry ullakan edebiýata öwrülip barýardy. Moskwa doganlyk respublikalaryň şahyrlarynyň hem göwnüni görjek bolup, aldygyna olaryň kitaplaryny rus dilinde neşir edýärdi. Respublikalaryň şahyrlary hem öz gezeginde rus hem doganlyk halklaryň edebiýatlarynyň iň gowy nusgalaryny öz ene dillerinde okyjylara hödürleýärdi. Bu ýagdaý bolsa SSSR halklarynyň edebiýatynyň pajarlap ösmegine getirdi. Altmyşynjy ýyllaryň aýagy, ýetmişinji, segseninji ýyllar tutuş rus edebiýaty, doganlyk halklaryň edebiýaty görlüp-eşidilmedik derejede ösüp başlady. Emma her bir ösüşiň tesişiniň bolşy ýaly, SSSR-de harsal edebiýatyň hem görlüp-eşidilmedik derejede köpelmegine ýol açyldy…
SSSR-de edebiýata ganymat tölenilýärdi, çünki ol edara ediji partiýanyň wagyz guralydy, partiýanyň ideologik daýanjydy, şol sebäplem ol güýçli gözegçilik astyndady. Gyşyk, yrga, şübheli pikirleriň halka ýetirilmeginden howatyrlanyp senzura döwlet rangyna çenli göterilip, edenini edip bilýärdi, onuň sözi sözdi, onuň ýaragy gaýçydy. Merkezde kimdir biriniň eserinden ýat ideologiki pikir tapylaýdygy, partiýa tarapyndan berk tankytlanylýardy, çäre görülýärdi, netijede şeýle şübheli pikirleri, şübheli awtorlary biziň edebiýatçylarymyz hem öz edebiýatymyzdan agtaryp tapyp, Merkeziň dogry syýasatyna «seslenip» wepalylygyny duýdurýardylar.

Şahyryň, şygryň beýik güýjüne hemişe geregiçe sarpa goýmasalar-da, hemişe şol gudratly poeziýanyň, şahyryň güýjüniň ägirtdigini duýupdyrlar, heder edipdirler. Her zamanyň ýurtlary edara ediji güýçleri, häkimler, şalar, soltanlar şahyrlary öz köşgünde saklamaga ymtylypdyrlar. Şalar hem soltanlar öz köşklerinde şahyrlaryň birgiden toparyny saklapdyrlar, poeziýany söýenleri ýa sarpa goýanlary üçin däl, käte iň görnükli şahyrlaryň hut öz köşgünde bolmagy üçin birek-birek bilen uruş hem edipdirler. Ýok, olar hakyky poeziýany söýendikleri üçin ýa hakyky söz sungatyna düşünendikleri üçin däl, şöhrat üçin, köşgüň abraýy üçin urşupdyrlar. Olar meşhur şahyrlaryň şygyrlarynyň dabarasynyň dessine köşkden çykyp, şol mahal ideologiýanyň jem bolýan ýeri bazarlara baryp ýetip, köşge, öz şahsyýetlerine şöhrat getirjekdigini bilipdirler. Emma köşkde ýaşaýan şahyrlar, hakyky zehinler diňe şalaryň ideologiýasyny ýaýratmak bilen çäklenip bilermi?.. Hakyky şahyrlar, çuň pikirlenip bilýän hakyky şahyrlar öz köşk ýagdaýyndan peýdalanyp, diňe häkimleriniň ideologiýasyny ýaýratmak bilen oňman, özleriniň progressiw pikirlerini, ideýalaryny halka ýetirmegiň gamyny iýipdirler, köplenç şeýle hallarda olar allegoriýany ulanypdyrlar.

Orta asyrlarda ýowuz şalaryň köşgünde ýaşan şahyrlar öz erkin pikirlerini halka ýetirip bilen bolsalar, biziň zamanamyzyň şahyrlary hem allegoriki obrazlaryň, simwollaryň, assarly pikirleriň üsti bilen halka öz diýjek sözlerini diýip bilipdirler. Elbetde, edebiýatyň depesindäki ýowuz gözegçilik erkin pikirleriň döremeginiň öňüni alyp bilýärdi. Emma hakyky şahyryň diriligi erkin pikire bagly, şonuň üçinem zehinli şahyrlar tekstasty, ýagny assarly pikir bilen ýazmany, gaýry usullar bilen okyja erkin pikirini ýetirer ýaly usullary assyrynlyk bilen işleýärdiler. Hut şu ýagdaý SSSR halklarynyň, rus sowet poeziýasynyň çuňlaşmagyna getirdi, SSSR-de poeziýadaky pikir setirlerde däl-de, setir arasynda aýdylýar diýen aksioma döredi. Elbetde, türkmen poeziýasy hem ol däplerden daşda däldi, gaýta gaty işjeňlik görkezýärdi.

Assarly pikirleriň dürli görnüşlerde ösmegi, simwolikanyň

şygyrdaky pikirlere, obrazlara, tebigat kartinalaryna, hatda gahrymanlara aralaşmagy, gaýry usullaryň edebiýata gelmegi – diňe senzuranyň gözüne çöp atmak üçin döredi diýmek ýalňyş bolar, senzura ýokarky usullaryň edebiýata, aýratynam, poeziýa dünýäsine gelmegini çaltlandyrdy. Umuman, poeziýa žanry, edebiýat pikiriň gözüne dürtülip ýatmagyny halamaýar. Şahyrlar orta asyrlarda hem, gadym dünýäde hem mümkin boldugyça pikirini aşaklyk bilen bermäge dyrjaşypdyrlar. Hatda Gündogarda – ösen didaktiki edebiýatyň watanynda hem pikir gönümel aýdylsa halanylmaýar. Meselem, simwolizm şu gün dörän, şu gün hem biziň poeziýamyza aralaşan usul däl, oňa biziň orta asyr edebiýatymyzdan hem, ondan öňki edebiýatymyzdan hem, Magtymguly Pyragydan soňky edebiýatymyzdan hem ýüzlerçe mysal tapyp bileris. Emma edebiýat ylmy, edebi tankyt ýaňy-ýakyna çenli simwolizme üns bermän, biziň edebiýatymyzyň ösen taraplaryny kemçiligi hökmünde görkezip geldiler. «Gorkut atanyň kitabyna» üns beriň. Onuň «Döwhe Goja ogly däli Domrul boýunda» Ezraýylyň «adamlaşdyrylan» obrazy bar. Mes oguz ili, mes, däli oguzlar! (Däli – köne türkmen dilinde gözsüzbatyr diýmegi aňladýar. «Görogludaky» Däli Mätele üns beriň!). Özüne göwni ýetýän Domrul halka jebir bermek üçin, halky horlamak üçin gurap ýatan çaýyň üstünden köpri gurup, ýolagçylary mejbury geçirip, pul gazanmak pikirinden daşda. Ol at-owazasynyň dessine ýedi yklyma ýaýrap, özi bilen atyşyp, tutuşyp, bäsleşjek garşydaş tapylmagyny isleýär. Hany ol zamanlar mes oguzlara garşydaş tapylyp durmy!? Akyldar Gorkut atamyz şeýlelik bilen oguzlaryň gaty mes döwran sürendigini simwolikanyň üsti bilen ýönekeý edip berip bilipdir. Däli Domrula garşydaş ýok, oňa garşydaş çykýan diňe Ezraýyl. Ol hatda Ezraýyl bilen hem näçe tutluşýar. Ana, biziň edebiýaty öwrenijilerimiz bolsa şindizem Ezraýylyň obrazyny mifiki obraz diýip sürüp gidip otyrlar. Gorkut ata ýaly genial filosofyň, genial ýazyjynyň mifiki detal almajagy köre hasa. Mifiki detaly ýazyjy, köplenç, ejizligi, çykgynsyzlygy zerarly ulanýar ahyry. Gorkut ata ony ulanmaz!

«Eýse, «Besediň Depegözi öldürdigi boýundaky» Depegöz mifiki obraz dälmi näme?» diýjek hem tapylar. Däl! Depegözüň obrazy

örän nepislik bilen işlenip, mife çenli eltilen, çylşyrymlydan beýik obraz. Muňa göz ýetirmek üçin, boýuň sýužetini yzarlalyň. Oguzlaryň agaýana baýlyga çümüp ýaşap ýören zamanlary Goňurja Sary çopan ýaýlaga gidýär. Çopan – halallygyň simwoly! Emma çeşmäniň başyna bir bölek peri gyzlar gonýar, çopan oýlugyny taşlaga-da, olaryň birini tutup haram iş edýär. Ondan hem Depegöz dünýä inýär. Depegözüň daşyndaky perdesini depdikleriçe ulalýar, urduklaryça goçalýar. Oruz goja bu çagany ogullyga alýar, ony getirip aýallara emdirmäge berýär, çaga emdiren aýalyň memmesinden agyz salýar. Ol ulalyp oguza gün bermeýär, oňa ne gylyç ötýär, ne naýza, ne ok kär edýär, ne neşter. Ol her gününe sürüläp goýun hem çopanlaryny iýip ugraýar. Garasaý, ol oguzlaryň abat gününi weýran edýär. Eýse, Depegöz kim? Ol haramylyk! Ol haram nebis! Ol hapalyk! Görmeýäňizmi, onuň ýeke gözi bar, ol hem depesinde! Erkana oguzlarynyň berkarar ýurtda abadan ýaşamagyny istän Gorkut ata edebiýatda gizlin obrazyň – Depegözüň obrazy bilen oguzlara ýurdy haramy weýran eder diýen pikiri ündeýär. Halkyna halallygy ündeýär. Haramlygy hatda peri bilen etseň hem onuň soňunyň oňullyk bilen gutarmajagyny tekrarlaýar. Perizatdan doglandygyna garamazdan Depegöz haramylygyň önümi, haram nebis, pis päl! Şonuň üçinem ony doýrup bolanok! Şonuň üçinem oňa ok kär edenok. Ahyrynda ony öldürýän kim? Beset! Eýse Beset kim? Ol hem çagalygynda haýwanyň terbiýesini alan oglan! Akyldar atamyz Gorkut ata haramylyga, haram nebsiň kemala gelmegine ýol berseň, soňra ony halallyk bilen ýok edip bolmaýar, oňa haýwanlaç gara güýç gerek diýip nygtaýar. Nähili ajaýyp filosofiýa, nähili ajaýyp simwolika! Emma oňa düşünmän, mif diýsek, Gorkut atanam kiçeldýäris, özümizi hem.
«Görogly» eposy durşuna simwollardan, simwoliki obrazlardan ybarat. Hatda kiçijik çaganyň görden çykmasy – ýurt eýesiz galyp, basybalyjylaryň süteminden, horlugyndan, gandan hamyla bolan toprak Göroglyny dogurýar. Merýem ene Asmandan Taňrynyň suwa düşen nuruny suw bilen içip hamyla bolýar, Göroglyny bolsa toprak dogurýar!
Göroglynyň ölümi hem simwolika ýugrulan. Görogly gara daglara gidip arkasyny daglara diräp söweşýär, soňky demine çenli

söweşýär. Duşman okundan öleninden soň bolsa, ýezitler gelip onuň kellesini kesip alyp gidýärler. Daglarda Göroglynyň dag ýaly göwresi ýatyr, seri bolsa ýok. Görogly ölüp, türkmen ili kellesiz galdy diýmek ol! Gör, nähili real pikir, nähili beýik simwolika! Beýle simwolikany tapyp ulanaýmak, her bir şahyra başardyp duranok. Aslynda, beýle çylşyrymly, beýik simwolika tapdyryp hem baranok. Ýadyňyza salyň, Kerim Gurbannepesowyň «Taýmaz baba» poemasy türkmende uly edebi hadysa boldy. Şonda Mätäç mamanyň traktora süýredilip jaýlanmagy, Keminäniň içmeginiň Porsygalada jaýlanmagy ýaly simwolika, ýöne birneme ýöntemräk simwolika! Simwolika – simwolikadygyny bildirse, ol eýýäm simwolika däl. Ony diňe üşükli okyjylar setir arasyndan saýgaryp tapmaly.
Nobatguly haý-haýly Baýkal Amur magistral demir ýolunyň gurluşygynda döredijilik saparynda bolup, onlarça gowy goşgulary döretdi. Olaryň arasynda döwrüň talap edýäni – gurluşykçylar hakynda ýazylan goşgular hem bardy, ýöne aglabasy tebigat goşgularydy. Uç-gyraksyz Sibiriň sümme tokaýlygy, «dünýä döräli ýoluny tapman azaşyp ýören derýalar» barada şirinden owadan şygyrlardy, emma şahyr hakyky şahyr bolanynda dünýä öz pikirini aýdýar. Pikir aýtmak üçin ýaşaýar, pikirini ýaşyrmak üçin bolsa, köplenç, tebigat gözelliklerine ýüzlenýär. Ynha, şahyryň «Ýeniseý» atly goşgusy.

Iýun,
       Tomus,
                 Köşeşipdir Ýeniseý,
Ýalmanyp baranok iki ýanyna.
Gara basan ýaly doňun zyňypdyr
Eltip
        ak aýylaň okeanyna.

Indem uky deýin sessiz-selemsiz
Gök kalbyny rahatlykdan gandyryp,
Barýar ol şatlygnyň ýitjek ýerine,
Hasratyny çal çarlaga galdyryp.

Bulutlaň tersine,

Ýeliň tersine
Nirä barýar?
Barýar ol haýsy ýana!?

…Hol, yzda asmandan başlanýan derýa,
Hol öňde göterlip gidýär asmana.

Goşgy, göräýmäge, Sibiriň içinden parran geçip, akyp ýatan Ýeniseý derýasy hakynda ýaly. Oňa köp okyjylar hem şeýle düşünendirler, emma şahyr bu ýerde şygryň açaryny ýüzde goýupdyr: ol şygry galamdaş ýoldaşyna Atamyrat Atabaýewe bagyşlapdyr. Näme diýip hut şu goşgusyny galamdaş dostuna bagyşlaýar. Sebäp şygryň temasam, predmetem türkmene dahylly däl, kommunistik senzura-da BAM goşgularynda beýik zada garaşjak däl.
Ýeniseý akyp ýatyr, Ýeniseý şahyryň ömri, ol birneme köşeşipdir, ol giňäpdir, indi onuň alnyndan çykyp biljek güýç ýok. Ol ähli päsgelçiligi, bökdençlikleri buz ýaly pytradyp ýok edipdir. Indi ol şatlygynyň ýitjek ýerine barýar. Eger Nobatguly 1978-nji ýylda Atamyrada ýüzlenip: «Gam çekme. Biz asmanyň yradysy bilen dörän şahyrdyrys, bu dünýädäki kynçylyklary ýeňip, nesip bolsa ýene asmana tarap göterilip gideris» diýen bolsa, onuň asmandan däl-de, başga bir ýerden çykjakdygy görnüp dur. Emma şahyr simwolikanyň kömegi bilen islendik pikirini gaty arkaýyn aýdyp bilýär. Elbetde, oňa her bir okyjynyň düşünmejegi belli. Okyjy üçin goşgynyň üst ýüzi – düşnükli ýeri bar ahyry. «Ýeniseý» goşgusynyň düýbüne düşünmäniňde-de, ol päkize tebigat goşgusy hökmünde edebiýatda öz ornuny tapyp bilýär.
Altmyşynjy ýyllarda Rehmet Seýidowçyllyk türkmen edebiýatynda apogeýe galypdy. «Tebigaty boýun egdirmek», «Tebigaty ýeňmek» pikiri kiparlap, tebigaty goramak pikiri möwjeýärdi. Ellinji ýyllarda tebigat temasyndan diňe Rehmet Seýidow ýazan bolsa, altmyşynjy ýyllarda galam tutanyň baş temasy şoldy, şahyr ähli tebigat goşgusyny ýazýardy. Nobatguly hem ýazýardy, emma ol bu ýerde-de öz originallygyny görkezýärdi. Onuň «Aw» atly goşgusyny gysgaldyp okap göreliň. Onuň simwolikany ulanyşyna

üns bereliň:

Awçy awa gitdi,
Atdy ol möjek,
Seretse, möjek ýok,
Ýeri, näme diýjek!

Atdy ol boz maral,
                              atdy ol jeren,
Atdy ol köp şagal,
Howa garyşdygy tüsse bilen ot,
Seretse, ol ýerde ýene-de zat ýok.
Atdy ol ýüz kerem,
                              atdy ol,
                                          birem
Tapmady öz uran awundan nyşan.
Atdy ýok,
Atdy – ýok!
                    Boşluk perişan,
Ne möjek bar,
                 ne keýik bar, ne leglek,
Eger-de ýer şary togalak bolsa
Atan okuň gelip özüňe degjek…
…Tokaýa äkidýän şol köne ýoda
Gurap galan çaý deý ýitip gidipdir…

Şahyr awçylara tebigatyň gözelligini atmaň diýip didaktiki akyl hem berenok, atýaňyz diýip igesini hem sürtenok. Ol konkret: atylan zat ýok diýen takyk netijä gelýär, biz muňa bolsa anyk göz ýetirdik. Awlagly türkmen sährasy boşap galdy, awlagly tokaýlar ýok edildi, guşly köller guşsuz galdy. Şahyr dünýäni «perişan boşluk» diýip alýar. «Aw gutardy, indi atan okuň özüňe gelip deger» diýip tebigata atan okuň özüňe gelip degjekdigini aýdýar. Tokaýa äkidýän, gözellige äkidýän ýol – ýaşaýşyň simwoliki obrazy guran çaý, guran derýa ýaly ýitip gidipdir. Derýa, çaý bolsa poeziýada ýaşaýyş simwoly. Awuň soňy ýaşaýşyň tamamlanmagy bilen gutarýar diýen netije dur goşguda.

Umuman, Nobatguly simwolikany ulanmagyň ussady. Ol SSSR-iň ideologiýasynyň gülläp ösýän mahallaram, senzuranyň ähli zady elekden geçirýän mahallaram simwolizmiň, gaýry edebi usullaryň üsti bilen öz pikirini aç-açan ýazyp bildi. Elbetde, şindize çenli biziň poeziýamyzda hiç bir şahyryň döredijiligi ilik-düwme öwrenilenok, edebiýat ylmy, hatda edebiýatçylarymyzyň köpüsinde şeýle barlag geçirmek islegi ýok, köpüsi bolsa geçireýin diýende-de geçirip bilmese gerek, çünki häzirki zaman poeziýasyna analiz bermek üçin dünýä poeziýasyny öwreniş ylmyndan habarly bolmaly. Nobatgulynyň döredijiliginde simwollar şahyryň keýpine, ruhy ahwalatyna görä ulanylýar. Şonuň üçinem ol bir şygrynda simwoly gaty aşaklyk bilen, ýene birinde bolsa gazap bilen gönümel ulanýar. Şu goşgy SSSR-iň SSSR döwründe çap edildi. Men bu goşga ýazylan gününden bäri belet, onuň ilkinji ady «Tula» bolmaly. Men ençeme gezek haýyş edenimden soň, Nobatguly onuň adyny «Suw damdyrýaň agzyma» diýip zoraýakdan üýtgetdi.

Eý, tula,
Edil ýylan ýaly jadyly tula,
Mawy gözleň oýnakladyp geldiň-de,
Ygtyýarym alyp
öwürdiň gula.
Pagta bilen damagymy çaldyň sen,
Ne gulak salýarsyň meniň arzyma
Öldüm-öldümde
Pagta bilen suw damdyrýaň agzyma…

Eger, tula sözüni Kommunistik gyzyl imperiýa bilen çalşyp görüň, şonda goşgy düşnükli bolar. Oňa öz wagtynda üşükli okyjylar düşündiler.
Şahyr «Legzeban», «Gurt», «Hany ol ýaşalýan zaman galdymy?», «Kelle», «Ilkinji bugdaý», «Ýollar», «Halka», «Ýadyrgama», «Janyň ýanýar» ýaly ýüzlerçe goşgusynda simwolikanyň her hili görnüşini inçelik bilen ulanýar. Ululy-kiçili poemalarynda, «Jemşidiň jamy» atly filosofiki poemasynda simwolizme gaty köp ýüzlenýär. «Jemşidiň jamy» poemasy dramatik-filosofik poema.

Adyndan belli bolşy ýaly, bu filosofik poemada Magtymguly Pyragynyň ömrüniň iň soňky pursady beýan edilýär. Beýik akyldar, beýik weli, beýik adam ömrüniň ahyrky pursady gylça janyny gaýgyryp, jan derdini çekjek kişi däl. Ol beýik pygamber ýaly beýik missiýa bilen dünýä inen adam, ol ýurt derdini çekýär. Ol uzak ýaşandygyna garamazdan, serdar bolup halkyny daşyna-da üýşürip bilmeýär, keramatly kişi bolup diniň daşyna-da ýygnap bilmeýär. Adam ýaşanda bir hili ýaşaýar, ölümiň öň ýanynda bolsa ol başga hili bolýar, ýagny hakyky öz keşbine girýär. Magtymguly ajalyň yzasyny çekenok, hakyky öz keşbine girýär. Magtymguly ajalyň yzasyny çekenok, halkynyň, agzalalygyň yzasyny çekýär, ol ölümiň öň ýanynda öz agysyny aglanok, halkynyň, watanynyň, geljegiň agysyny aglaýar. Magtymguly – türkmen topragyna atylan beýik pikir! Ol ölenok. Ýok, täze pikir dogulýar.

Nobatguly beýik akyldaryň ruhy dünýäsini açyp görkezmek üçin şertli simwoliki obrazlara ýüzlenýär. Poema gatnaşýanlar: Panyýahan – ýaşaýşyň simwoliki obrazy, Galandar – Ezraýylyň simwoliki obrazy. Ölüm geler müddeti Panyýahan bilen Galandar şahyry sud edýär. Olar ony asuda ölmäge goýmaýarlar. Bu ýasama zat däl, Heňkir, Müňküriň obrazlaram däl. Aslynda, kämillige ýeten, ýetişen kişiler haýyr bilen şeriň, ýaşaýyş bilen ölümiň, garaňkylyk bilen ýagtylygyň arasynda ejir çekýär. Bu şol ejiriň, jebri-jepanyň dowamy. Panyýahan bilen Galandar üç günläp ony sud edýärler. Her gün bir tema – durmuşyň bir tarapy hakynda filosofik jedel gidýär. Birinji günde Panyýahan ülhit kempir, ol ýigrençden, gahar-gazapdan, lagnatdan ybarat. Galandar ýaş ýigit, emma ol gaty akyldar. Ikinji gün eýýäm olaryň ikisi hem orta ýaşa gelen. Üçünji gün Panyýahan ýaş gelin. Umytsyzlykdan gargap, lagna öwrülen dünýäni Magtymguly ýaşadýar. Oňa geljege ynam berýär. Oňa ýaşlyk berýär. Galandar bolsa ülhit garry. Panyýahanyň alnynda boş sallançak, ol Magtymgula ogulsyz geçip barýandygyny aýdýar. Watansyz geçip barýandygyny aýdýar. Ömrüniň soňky müddetleri bolandygy üçin Galandar onuň ýanyna hiç kimi goýberenok. Ahyry bir dyzmaç ýigit urdurylyp girýär, ol Galandary pyçaklaýar. Galandar gülýär hem onuň pyçagyny özüne uzadýar-da:

Bilmediňiz Pyragynyň kimdigin,
Kiçeltdiňiz ony ulaltjak bolup,
Peseltdiňiz ony beýgeltjek bolup…
Bilmediňiz!
Bilmersiňiz!
Sebäbi
Beýikdi ol siziň düşünjäňizden.
Sarpa bilen oňa şahyr diýdiňiz,
Magtymguly şahyrdan has beýikdi.
Akyldar diýdiňiz,
Akyldarlara
Ol müň ýyl okara sapak goýupdy.
Ol aglady,
siz zerarly aglady,
Ol samrady,
siz zerarly samrady,
Ne-hä merde duşdy,
ne-de Hudaýa,
Ne-de tapdy sözleşmäge hamrahy!
Pygamber bolmaly bolsa her halkda
Pyragydyr – siziň pygamberiňiz!
Halk derýamy – Gözbaşyňyz pyragy,
Halk göwremi – Pyragydyr – seriňiz!
Beýgelmeli Pyragysy bar millet
Pyragy deý äriň wesýeti bilen,
Parasady bilen, paýhasy bilen
Galyp Pyragynyň derejesine çen…
Aglaň, aglaň geçdi diýip Pyragy,
Aglaň öçdi diýip ýeriň çyragy,
Ol bu halkyň paýhasynyň jemidi,
Onda jemlenipdi halkyň myrady.
Aglaň, aglaň, matam tutsun watan-da!
Dünýeden Dünýe deý kişi ötende,
Hiç bolmanda, jemleniň,
jemleniň!

Galandar şeý diýip boş sallançagy dartyp, bagyny gelniň eline

berýär, sallançakda çagajyk aglap başlaýar. Galandar şeýle diýýär:

Başyňyzda paýhasyňyz jem bolsun,
Kuwwatyňyz jem bolsun bir göwrede,
Bir suprada taýýar bolup aşyňyz
Öwrüliň siz mizemez bir döwlede!!!

Galandar: «Ogul, Pyragy hol gara daglara, är tapmaýan sygyndygy daglara, gidip gözlerini açyp jan berdi. Bibaş hem kakabaş tire-taýpalar jem bolup onuň alnyna barsaňyz, namyrat gözleriniň öz-özi ýumular. Ol namyrat öldi. Gözleri ýumulmasa jaýlamaň, siz agzybirleşseňiz, onuň gözleri ýumular» diýen pikiri aýdýar. Sallançakdaky aglaýan çagany görkezip hem: «Ynha Pyragy indi doguldy, Pyragy indi başlady, men onuň şum ajalydym, ol meni öz ömri bilen öldürdi» diýýär.
Nobatguly Rejebow gaty çuňňur oýlanyp bilýän, netije çykaryp bilýän şahyr. Hatda onuň bu poemasynda şahyr Magtymguly hem simwoliki obraz. Magtymguly – täze pikir. Türkmenistan göwre, Pyragy ser! Agzybirlik şol beýik göwräniň jany. Şahyryň welilik bilen aýdýan sözleri durmuşa geçdi. Türkmen halky bir döwlet boldy, Garaşsyz, Bitarap döwlet! Şol mahal doglan pikir – kiçijik çaga kemala geldi, ol pikir – uly döwlet! Şahyr simwolikanyň üsti bilen çuňňur filosofiki netijeler çykaryp, türkmeniň bagtly döwlet gurup biljekdigini beýan edýär.
Nobatgulynyň «Jemşidiň jamy» atly filosofiki poemasy Magtymguly Pyragynyň çuňňur filosofiýasyna düşünmek üçin basgançak bolup hyzmat edýär, ýok, ol şahyry düşündirjek bolmaýar, şahyryň setirlerini öz adyndan aýtmaýar, tersine, öz sözlerini oňardygyça Magtymgula golaýlaşdyrmaga synanýar. Şu ýerde ol bir beýik kanuny hem açyp görkezýär. Magtymguly ýaly beýik filosofy ýönekeýleşdirip halkyň derejesine çenli düşürip düşündirmeli däl, tersine, basgançak-basgançak edip okyjyny Magtymgulynyň derejesine çenli beýige götermeli, diňe şeýdilende halk hem beýgelýär, Magtymguly hem.
Bu täze tapyndy bolsa, Nobatguly Rejebowyň özüni hem beýgeldýär.

Edebiýaty öwreniş